Ata Watanymyzyň bereketli topragy dermanlyk häsiýetli ösümliklere juda baý. Ýurdumyzyň ähli künjeginde ösdürilip ýetişdirilýän ösümlikleriň biri hem kädidir. Kädi bir ýyllyk ösümlik bolup, ol iýun-iýul aýlarynda gülleýär. Onuň miwesi awgust aýlarynda ýetişýär. Kädiniň watany Meksika, Demirgazyk we Günorta Amerika hasaplanýar.
Kädi aşgazan-içege sowuklamasyny bejermekde ýygy-ýygydan peýdalanylýan gök önüm. Derde derman kädiniň çigitleri hem adam saglygyna örän peýdalydyr. Olar suwuk ýag kislotalaryna, ösümlik beloklaryna we E witamina baý hasaplanylýar. Kädiniň takmynan 20 görnüşi bolup, alymlar adamlaryň takmynan 5 müň ýyl ozal kädini ösdürip ýetişdirendigini belläp geçýärler. Kädiniň düzüminde saklanylýan şiresi kadaly we rahat uky üçin peýdalydyr. Kädiniň düzüminde demiriň köp mukdary bardyr. Gany azlykdan ejir çekýän adamlara kädi iýmeklik maslahat berilýär. Gaýnadylan ýa-da bişirilen kädini çaga iýmitinde giňden ulanylýar. Kädi düzüminde juda seýrek bolan T witaminini saklap, ganyň düzümini durnuklaşdyryp, dişleriň ganamagynyň öňüni alýar.
Gadymy zamanlarda bu önümden dürli dermanlyk serişdeleri taýýarlapdyrlar. Şeýle hem kädi Antarktidadan başga bütin dünýäde ösdürilip ýetişdirilýär.

**Eziz ERNAZAROW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 29.01.2026